# Gelin barada

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gelin barada GELIN BARADA



Ýok gizlejek bolyp meýilem etme,
Men buny bilýänem, öňdenem aňýan
Ýöne bir gün öziň aýdarsyň öýdip
Bu hakda henizem agzaman oňýan.
Belki erkim alan ala gözleriň
Gaharymyň öňine bowet basýandyr
Ýa-da bizi synlap daşardan biri
Hol gapa bukynyp gulak asýandyr.

Iň esasam öz ýanymdan ilki men
Soňra öwrenşerler çöziler towlar
Ene –ene bilen ysnyşar hökman
Sowyk duýgularam şemala sowlar.

Diýip tama etdim pikir eýledim
Käte seniň tarapyňam çaldym men
Kalbymyň käbesini halamaýanyňy
Bilmedik,görmedik bolan boldym men.

Şeýdip ýyllar geçdi ejem bolsa meň
Barha seýrekletdi bize gelmesin
Eýsem ol çat açan çöken ýüregini
Niçik seýisleslesin, nädip ýelmesin.

Ejem indi örän az gelýär bize
Ýöne aýan onyň bizi küýseýşi
Gelni gülip çyksa geljek görgili
Galsada öýinde işi-pişesi.

Ejemiň ökjeli tüfli, ýa-da bir atyr
Ýa gyrmyzy hyna bolinýa
Tamakin däldigini öziňem aňýaň
Ýylda tikdirenok täze dony ýa.

Bir kilo hurmany bir ýyla bölip
Bir ýylda müň ýyllyk alkyş aýdany
Henizem ýadymdan çykanok onyň
Oňa dünýä berilendir öýdeni.

Ýok hiç zat hantama däl bizden ol
Hoş söz gerek onyň argyn janyna
Balalary ene diýip daň bilen
Gujak açyp barsa bolýar ýanyna.

Balam diýip bada basýar bagryna
Şol pursatda tapanok ol kän sözem
Ýaşlyk ody bilen ýagtylyp gitýär
Ak merjen gaçyrýan gubaly gözem.

Ene ýüreginiň bu beýik bagtyn
Sen işe güýmenip, görmedik bolýaň
Ertir gaýyn ene, boljak ýaş ene
Gaýyn enä pikir bermedik bolýaň.

Gaýyn ene gamly-gamly garaýar
"Guwanaýyn balalarym boýňyza”
Sypalaýar körpejämiň gulpagyn
"Geleýin men erte uly toýňuza”

Soň ýenede gidiberýär sedasyz
Göwni bizde galýar göwresi ýolda
Näme diýip näme aýtjagmy bilmän
Menem garap galýan gözgyny halda.

Bize bu älemi beren enäniň
Näme ýazygy bar?
Näme aýby bar?
Belki sen bilýänsiň düşindir maňa!
Bu dumana dözeýin men niçe zar.

- **Ýok**

Ýok
Gizlejek bolyp meýilem etme
Men muny bilýänem öňdenem aňýan,
Ýöne bir gün öziň aýdarsyň öýdip
Bu hakda henizem agzaman oňýan.

Ýöne men bir zady bilemok anyk
Gören barmy heý enesiz dogany
Gaýyn enesini söýmedik gelin
Söýip bilermikän onyň ogluny.

Ata Atajanow ("Men size barýan” kitabyndan) Goşgular